TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARY

ПОСТАНОВЛЕНИЕ ПРЕЗИДЕНТА ТУРКМЕНИСТАНА

« I3 » fewral 2016 ý.г. № I4606 Aşgabat ş. / г. Ашхабад

# Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän şahsy taraplary hasaba almagyň meseleleri hakynda

Türkmenistanyň Zähmet kodeksine, «Ilaty iş bilen üpjün etmek hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek, Aşgabat şäherinde iş berijileriň işçi güýçlerine bolan isleglerini kanagatlandyrmak we ilatyň iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmak maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän, Aşgabat şäherinde ýazga ýa-da bellige alynmadyk Türkmenistanyň raýatlaryny, şeýle hem Türkmenistanda ýaşaýan daşary ýurt raýatlaryny we raýatlygy bolmadyk adamlary Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginde Aşgabat şäherinde zähmet işini amala aşyrmaga iş rugsatnamasy resmileşdirilenden soňra işe kabul etmäge (özbaşdak iş bilen meşgullanmaga) rugsat bermeli.

2. Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän şahsy taraplary hasaba almagyň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

3. Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän şahsy taraplary hasaba almak boýunça pudagara topary şu karara goşunda laýyklykda döretmeli.

4. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlary,Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministri, Türkmenistanyň Içeri

işler ministri, Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy, welaýatlaryň hem-de Aşgabat şäheriniň häkimleri we Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti**

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ DIWANY * Protokol bölümçesi

**Gurbanguly Berdimuhamedow**